# Serdar Ataýew we onuñ döredijiligi hakynda

Category: Edebi makalalar,Ertekiler,Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar,Powestler,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 25 января, 2025
Serdar Ataýew we onuñ döredijiligi hakynda Okyjylar seslenýär

SERDAR ATAÝEW WE ONUÑ DÖREDIJILIGI HAKYNDA

Salam, hormatly kitapçy saýty!
Men Ogulbossan Rejepgulyýewa 18 ýyl bäri orta mekdepde türkmen dili we edebiýaty mugallymasy bolup işläp gelýärin. Men 2020-nji ýylyň dekabr aýlarynda öz okuwçylarymyň birinden kitapçy saýtyňyz hakda eşitdim. Şondan bärem uly gyzyklanma bilen siziň saýtyňyzda goýulýan makalalary, hekaýalary, powestleri we beýleki maglumatlary okaýaryn. Esasanam, mende Serdar Ataýewiň hekaýalary uly gyzyklanma döredýär. Men bu ýazyjynyň hekaýalary bilen 2000-nji ýyllardan bäri özümiň talyp döwrümden bäri tanyş. Ol ýalňyşmasam 2002-nji ýyllarda Magtymguly adyndaky uniwersitetde ýuristligi okaýardy. Biz bolsa, “aprialda” ýagny Azady adyndaky diller institutynyň soňky kurslaryny okaýardyk. Şondada S.Ataýewiň hekaýalarynyň köpüsini özem basym-basymdan radioda bererdiler. Bizem umumy ýaşaýyş jaýynda, tikin-çatynyň başynda onuň hekaýalaryny hezil edip diňlärdik. Özem ol hekaýalary kimiň okaýnadygyna bilemzokdyk ýöne labyzly edip duýguçyl okaýardy. Şol döwürde S.Ataýewiň hekaýalaryndan radioda berlenlerinden ýadyma düşýänleri gelin kürtesi hakynda bir gyzyň özüni söýýän ýigde gulak asman, ärsumagyň biri tarapyndan ilkinji gijesinde basgylanyşy hakyndaky hekaýasy gaty üýtgeşikdi. Serdar Ataýewiň şol hekaýasy kitapçy saýtyňyzdada bar eken. Soň şol hekaýa bilen bagly bir gyzykly waka boldy. Ýalňyşmasam 2001-nji ýylda biziň institutymyzda ýazyjy şahyr zenanlar bilen duşuşyk boldy. Şonda Sona Ýazowa atly şahyra meniň kursdaş

gyzlarymyň biri sorag berdi, häzirki döwürde haýsy ýazyjyň şahyryň ýazan zatlaryny ýaşlara okamagy maslahat berýänini sorady. Şonda Sona Ýazowa özüniň Garagum öňki Sowet edebiýaty žurnalynda işleýändigini aýdyp, şol žurnalda bir-iki ýyl mundan ozal Serdar Ataýew atly ýaşajyk oglanyň ilkinji hekaýalarynyň neşir edilendigini şol hekaýalaryň içindede gelin kürtesi hakynda örän üýtgeşik bir hekaýasynyň bardygyny agzap şony hemmämize okamagy maslahat berdi. Şondada biz S.Ataýewiň şol hekaýasyny radioda diňländigimizi aýtdyk we birsalym biziň bilen Sona Ýazowanyň arasynda şol hekaýa hakda gyzykly gürrüňler boldy. Sona Ýazowa şonda Serdar Ataýewiň şol hekaýasynyň türkmen edebiýatynda täzelikdigini onuň taryhyna girjek eserleriň biridigini özüniň şeýle ýaşajyk oglanyň şonuň ýaly hekaýany ýazyp türkmen gelniniň hut ýüregindäki duýgulary beýan etmegiň hötdesinden gelendigine bijaý geň galandygyny aýtdy. Soň biz Sona Ýazowanyň beren gürrüňine gyzygyp, ondan şol hekaýanyň Garagum žurnalynda takmynan 1999-njy ýylda çykandygyny eşidip institutyň kitaphanasyndan žurnaly gözläp tapypdyk. Kitaphanaçy gelneje žurnaly bermejek bolsada ony ýalbaryp alyp, soňam alty-ýedi sany kursdaş gyz bolup, Teke bazarynyň ýanyndaky kserokopýa edýän orus aýalyň öýüne gidip şol žurnaldaky Serdar Ataýewiň hekaýalaryny kopýa etdirenimiz şu günki ýaly ýadyma düşýär. Şol žurnaldaky hekaýalar kirilisa hatyndady. Şol kopýa mende häzirki günem saklanýar. 2017-nji ýylda kursdaşlarym bilen on bäş ýyllyk bellänimizde gyzlardan sorasam olaryňam bir-iki sanysynda şol kopýa bar ekeni. Serdar Ataýewiň ýenede bir hekaýasy Bibi atly bir gyzyň birinji aýlygyny alandaky begenji arzuwlary hakyndady. Öýlerine barandada onuň bar puljagazyny elinden neşekeş kakasy gaňryp alýardy. Bu waka bize gaty uly täsir ederdi. Sebäbi ol döwürler neşekeşler her iki öýüň birinde diýen ýaly bardy. Ondan başgada S.Ataýewiň uruş hakdada gowy gowy hekaýalry kändi. Men şu ýylyň maý aýyndada onuň Gidenleriň yzynda atly hekaýasyny radiodada diňledim. Soň şol heklaýany gözlesem siziň saýtyňyzdada bar ekeni. Şol hekaýany radioda öz goňşym segsen ýaşap barýan garryja daýza bilen bile diňläpdik. Şonda ol daýza hekaýany diňläp aglap oturdy. Onuň özem mende

Büzmeýinli bolamyzsoň ol hekaýa biz hakda, biziňn atalarymyz, enelerimiz hakda ýazylan ýaly. Ýöne indiki çagalar ol zatlardan daşdan bolansoňlar kän urşuň gynanjyny bilenoklar. Hudaýym bilmesinlerem, bilmek nesibem etmesin. Men S.Ataýewiň siziň saýtyňyzdaky hekaýalarynyň köpüsini öň gazet-žurnallarda okanam bolsam täzeden gaýtalap okadym. Kakam Serdar Ataýewiň Alparslan hakdaky Alparslanyň gaplaň bilen söweşip ony ýeňýän hekaýasyny halaýar. Gaplaňly ýerlerini okanyňda muny ýazan edil gaplaňyň özi bolupdyr diýýär. Hasam hekaýaň başyndaky gaplaňyň gerinýän ýerini okaýarkaň özüňem bilmän gernip başlanyňy duýman galýarsyň diýip gülýär. Ýaňy golaýda bolsa men S.Ataýewiň kitabynyň çykandygyny bilip, şäherdäki dükandan sargap getirtdim. Görsem ol kitap 2015-nji ýylda çykypdyr eken. Şu güne çenli bilmändirin. Soň barlasam mekdep kitaphanamyza şol kitabyň biri gelipdirde olam direktoryň kabinetinde galan ekeni. Soň men ol kitaby direktordan diläp alyp, öz klasymdaky kitaplaryň arasynda goýdum. Çagalar gezekli gezegine okaýarlar. Arada bir günem joramyň oglunyň gulluk edýän ýerine baranymyzda şol ýerde esgerleriňem şol kitaby okap oturandyklaryny gördüm. Ol kkitabyňam elden ele geçirilip gaty kän okalandygy bildirip dur daşy dagysam dargap ýyrtylyp gidipdir sahypalaram gopuk gopuk. Men tanyş kitaby görüp, esger oglanjyklardan näme okaýanlaryny sorasam olar maňa serhetçiler hakda gyzykly hekaýalaryň bardygyny aýtdylar. Soň görsem hakykatdanam kitapda serhetçiler hakdada hekeýalar kän ekeni. Saýtyňydzdada şol hekaýatlar bar eken. Nesip bolsa ýakyn günlerde elim degdiginden kitaby okaryn. Ýöne gynandyrýan bir zat saýtyňyzda S.Ataýewiň köp hekaýalary internetde ady çyksada özi ýok ekeni. Saýtyňyzda üstüne basýaň welin açylman olaň ýerine iňlisçe “delete” diýen ýazzgy çykýar.

Serdar Ataýewiň irki ýazylan hekaýalary agras gaty gowy hekaýalardy. Garagum žurnalynda Nesil, edebiýat-sungat gazetinde kän çykardy. Soň ol aralykda diňe taryhy hekaýalary ýazdy. Ýalňyşmasam oň Metehan hakdada, göktürkmen hanlary hakdada, Alparslan hakdada uly eserleri bolmaly. Ýöne siziň saýtyňyzda diňe şol Metehan hakda roman diýen gysgajyk bölegi

okadym yzy goýulmandyr. Onuň göktrükmen hanynyň ölümi hakdaky hekaýasynam kakam gyzyklanyp üç-dört gezek okandyr. Bu oglanh taryhy ýaman gowy bilýän bolmaly ýazanda edil özüň şol döwürlerde ýaly bolýarsyň diýip kakamyň özi taryhçy mollym bolandygy sebäpli taryha uly gyzyklanma bildirýär.
Kitapçy saýtynda okan hekaýalarymyň arasynda Serdar Ataýewiň «Gülleriň melikesi» atly hekaýasy hasam ýiti ünsümizi çekdi. Meniň bilen mekdepde bile işleýän maňlaýy açylmadyk bir görgüli bar ýaşy ellä golaýlan. Şoňa şu hekaýany geçen 2021 ýylda öýümde printerden çykaryp getirip berenimde ol ertesi gün işe gelip uzak gije aglap geçirendigini gürrüň berdi. Ýüregim giňäp gitdi, meniň ýaly bagtygaraňam ykbalyna aglap bilýän tapylypdyr diýdi, edil meniň durmuşymy ýazaýypdyr welin ol Serdar Ataýew diýilýän meni tanaýarmyka diýipdirin diýdi. Ýöne gynandyran zat hekaýa ýaman çalt gutarýar, şol garry gyza soň näme bolýandygy ýazylmandyr diýdi.
Meniň özüm bolsa Serdar Ataýewiň iki doganyň näçe ýyllap sögüşip, soňam hassahanada olaryň biri agyr ýatyrka gujaklaşýan ýerlerini suratlandyrýan hekaýasynda gaty erbet boldum, iki günläp dagy ýüregim sanjyp gezdi. Sebäbi özümiň iki erkek doganymyň arasynada biderek zat üçin tow düşüp henizem tersleşip ýörendikleri hiç ýadymdan çykmaýar.
Onsoňam Serdar Ataýewiň ejesini jaýlandan soň on ýyl geçirip gaýgy hasratdan ýaňa ýürek agyrygy tutup hammamda ýykylýan adam hakyndaky hekaýasy maňa-da, ejeme-de örän agyr täsir etdi. Şol hekaýadaky ene ýüreginiň gürsüldisi bilen aýdylýan goşgyny dagy ejeme okap berenimde ol pahyr şunuň ýaly seniň ýüregiňi duýup bilýän çagaň bolaýsady, onsoň ölseňem armanyň galjak däl diýdi.
Meni bu ýazyjynyň hekaýalarynda geň galdyrýan zat ol öz ýazýan zatlaryny nireden alýarka ýa-da özi oýlap tapýarmyka. Egerde oýlap tapýandyr diýseňem onda onuň gülküli dälde agras hekaýalarynyň her birini okanyňda hökman öz töweregiňde ýaşaýan adamlarynyň biriniň durmuşynyň şol hekaýadaka meňzeýändigine düşünýärsiň.
Men bilemok mümkin onuň gülküli hekaýalarynam halaýanlar bardyr ýöne özümä iki-ýeke hekaýasy bolaýmasa başga gülküli

hekaýalaryny gyzygyp okamadym. Mümkin bu ýazyjy şol hekaýalaryny ýaşlara niýetläp ýazýandyr. Ýöne gülküli hekaýalaryndanam ýitip öýlenen oglan hakdaky hekaýasyny soňam fen zakaz edip drel getirilýän hekaýasyny soňam giýewçilemäge baryp ýalňyşyp gaýynenesini gujaklaýan oglan hakyndaky hekaýasyny mekdepde öz işdeş joralarym bilenem öýde ejem bilenem hezil edip gülşüp okapdyk. Ýenede awtobusda gurbakga alyp barýarka gaçyrýan oglan hakdaky hekaýasam gowy ekeni şol hekaýadaky Magrupynyň goşgusam örän ýerlikli ulanylypdyr.
Men S.Ataýewiň döredijiligi bilen ir döwürden gyzyklanamsoň, özümem mekdepde gazet-žurnalllara yzygiderli ýazylamsoň Garagum žurnalyny, Edebiýat we sungat gazetiniň onlarça ýyllyk sanlary meniň öýümde üýşüp giden. Şolaryň käbirindede irräk döwürler Serdar Ataýewiň hekaýalary hakda tankydy makalalaram çap edilerdi. Onuň gazetlerde çykýan hekaýalaryny duş gelsem sypdyrman okaýandygym sebäpli şol makalalary men Serdar Ataýewiň hekaýalary bilen bile aýratyn bir ýere jemläp goýýardym. Geçen ýylam kompýuter sapagynda nabor etmäni öwrenýän okuwçylaryma barybir elleri endik eder ýaly nabor edýärler diýip şol makalalardan Serdar Ataýewli ýerlerini belläp nabor etdirdim. Soň özümem okuwçylaryň ýalňyşyny düzetdim. Onsoňam Serdar Ataýewiň kitabynda giriş sözüni belli ýazyjymyz Osman Ödäýew ýazan ekeni. Osman Ödäýewiň Altynjan hatyny gaty gyzykly roman bolupdyr. Ony radioda tutuş bir ýarymýyllap dagy berdiler. Heziller edip diňledim. Arada bolsa okuwçylarymyň biri internetden aldym diýip şol romanyň radio ýazgylarynyň birtoparyny ýazdyryp getirip berdi. Men S.Ataýewiň kitabyndaky şol giriş sözüni özüm kompýutere geçirdim. Men siziň saýtyňyzda okyjylaryň Serdar Ataýewiň hekaýalarynada, ýazýan makalalaarynada gyzyklanma bildirýändiklerini görýärin. Şonuň üçinem onuň hekaýalary hakda alymlaryň, ýazyjylaryň pikirleri gyzykly bolar diýip güman edip, olaryň hemmesini siziň poçtaňyza ugratmagy dogry hasapladym.
Men Serdar Ataýewiň soňky ýazýan internet hakdaky hekaýalaryny kän halamadym. Onuň hekaýalaryndan agraslyk ýitip, gülmäge, oýun etmäge has öte kän üns berilýän ýaly bolup dur. Ýöne oňa

derek onuň durmuşy kiçijik wakalaryny okabam, gülübem heziller edýäris. Mekdepde 8, 9, 10-njuy synplary okadamsoň olarada Serdar Ataýewiň hekaýalaryndan saýlap arasynda sapakda okap berýän welin olaram hezil edip diňleýärler. Bazarda hyýar satmaga baryp, ejesinden marožna pul diläp alýan onam kitaba sowýan oglanjyk şol döwürleriň kolhoz durmuşy talyplaryň başdan geçirmeleri mekdepde bolup geçýän wakalar bularyň hemmesi biziň çagalygymyz ýetginjekligimiz ýaşlygymyz. Serdar Ataýewiň şol hekaýalaryny okap ýene şol çagalyga obanyň ekin meýdanlaryna dolanyp barýarsyň. Men elbetde ýazyjynyňam şahyryňam bir ýerde durmaly däldigini mydama gözlegde bolup öz ýazyşyny üýtgedip durýandygyny bilýän düşünýän. Ýöne her nämede bolsa maňa Serdar Ataýewiň irki hekaýalaram powestlerem biçak ýaraýardy. Onuň ýer titremesinde ýeriň aşagynda gömlüp galan garry ene hakdaky powestini bolsa ejemede, kakamada okuwçylarymada birnäçe gezek okap beripdim. Şol powestdäki bäbejigiň aglap aglap aç-suwsuz ölýän ýerini dagy okanyňda özüňem şol çaganyň gapdaly bilen aglap aglap ölýän ýaly bolýarsyň.
Ondan başgada Serdar Ataýewiň iň gowy hekaýasy onuň uruş gidýän ýurtlaryň birinde oglanjyk gündelik ýazýar diýiňp başlaýan Gündelik atly hekaýasy diýip hasaplaýaryn. Şol heklaýany men okuwçylaryma her ýyl okap berýärin. Her ýylam olaryň gözüň alnynda müzzerip, üýtgeýişlerini synlaýaryn. Gyzjagazlara bildirmän aglajagam bolýarlar.
Siziň saýtyňyzda Serdar Ataýewiň dünýä edebiýatyndan goýýan terjimelerinem gyzyklanyp okaýaryn. Ol terjimehallar terjime edilen hekaýalar mekdepde sapark berenimizde öz edebiýatymyz bilen dünýä edebiýatyny deňeşdirmekde uly goldaw bolýar. Şonuň ýalyda edebiýat bilen gyzyklanýan okwuçylarada siziň saýtyňyzy maslahat berýärin. Ýöne bir gynandyrýan zat siziň saýtyňyzdan öň islendik hekaýany ýada makalany göçürip alyp bolýardy. Indi göçürip alyp bolmaýar.
Serdar Ataýew bilen bagly başgada bir eşiden zadym arada ýoldaşym bilen onuň garyndaşlarynyň biriniň toýuna baranymyzda ýoldaşymyň şol garyndaşy prokuraturada işläp ýören elli ýaşlaryndaky adam gürrüňden gürrüň çykanda Serdar Ataýewi ir

döwürden tanaýandygyny onuň bilen birnäçe ýyllap bile işländigini aýtdy. Gaty gowy sülçidi agyr jenaýatlary aňsatlyk bilen açardy özem jenaýatda gümürtik bir zat duýdugy tä şol zadyň änigine şänigine ýetýänçä aýyplanýan adaamy jogapkärçilige çekmezdi. Şonuň üçinem işi derňelýänlerem onuň adamkärçiligi üçin beýleki sülçiden öz işiniň şoňa geçirilmegini haýyş edip prokurora ýüz tutardylar diýdi. Işi üçin birnäçe gezek sylagam aldy ýöne soň ony başga ýere geçirdiler diýip hem aýtdy. Soňky üç-dört aý bäri onuň ýaramaýandygyny şonuň üçinem kän bilelikdäki tanyşlarynyň toý ýasynada çykmaýandygyny hem bize aýtdy. Ýoldaşymyň şol garyndaşy Serdar Ataýewiň diňe ýazyjy dälde ylmy işleri hukuk ugrundan näçe sany okuw kitaplaryny ýazyp çykarandygynam aýdypdy.
Şu hatymda Serdar Ataýewiň hekaýalary hakynda gazetlerdäki we kitapdaky tankyt edilen pikirler aýdylan makalalary goýýaryn.

- **Sözbaşy**

Serdar Ataýew diýilýän ýygradan sada ýigidiň galamynyň aşagyndan çykan hekaýalary okap haýran galandygymy boýun alaýyn. Ilki kelläme gelenem “beh, bu awtor nirede, haýsy okuwy tamamladyka, eserine salýan wakalary ýasama däl-de, hut durmuşy weli, ömür öwrümleriniň beýle tejribesini haçan torbasyna atyp ýetişdikä?” diýen pikirler boldy.
– Hiç ýerde okamadym heniz. Diňe orta mekdebi tamamlap, soňam goşun gullugynda boldum. Gelibem obamyzda – Büzmeýiniň çakyr zawodynda ýönekeý işçi bolup işläp ýörün!
Bolany.
Ine, onuň bar terjimehaly, wessalam!
Hekaýalarynyň kämilligine weli söz ýok. Dogry, käbir hekaýalarynyň sýužet ýordumy bilen ündelýän pikirleriniň bap gelmeýän ýerlerem, ýek-ýarym eserinde wakalaryň ynandyryjylyksyz guraksy sözler bilen beýan edilýän ýerlerem ýok däl. Elbetde, ýaňy eline galam awtordan bada-bat geniý çykmajagy äşgär. Ýöne bir hakykat weli juda begendirýär. Serdar Ataýew diýilýän awtor öz ýaşyndan, durmuş

tejribesinden, biliminden has ozup edebiýata gelýär.
– Men kiçijikligimden köp okadym. Ertekileri, hüwdüdir läleleri ýat bekledim. Ýazýan zatlarym şolaryň täsirinden bolsa-da bilmedim.
Özüne göwnüýetijilik etmän, pespällik, sadalyk bilen öz pikirini kagyza geçirip bilýänligi Serdaryň hekaýalaryny durmuşy, has ynandyryjy edýändir belki. Ýöne ýaş ýigitde taňryberen zehiniň, dogabitdi üşügiň bardygy bildirip dur. Ine, şol zatlar birigibem kämillige ýol salypdyr. Entek görjegiň öňdedir, Serdar inim! Ýöne şu badyňy gowşatman, şu sadalykdyr ile düşünmek edähediňi sypdyrman gidiberseň sen hökman edebiýatda öz ornuňy taparsyň. Şol azaply hem lezzetli menzillerde galamyň ýiti, işiň rowaç bolsun!

Gurbannazar ORAZGULYÝEW,
ýazyjy.

«Garagum» žurnaly 11/1999 ý.

- **Bagtyýarlyk kyssasy**

Şu günüň türkmen edebiýaty biziň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň jemgyýete getiren täze aňlaýyş halyny aýan edip, täze öwüşginde we döwrüň düýpli sowallaryna özüçe çemeleşip, edebi akymynyň bir akabasynyň döränliginiň buşlukçysy bolup ýüze çykdy.
Zehinli ýazyjy Serdar Ataýewiň “Ýaşaýyş yşky” atly hekaýalar ýygyndysyny elime alyp oturyşyma, şeýle oýlara çümýärin. Edil her säher umytlaryňy ödejek güne, her pasyl ömür ýadyňdan çykmajak owadanlygy hakydaňa saljak bahara, her ýyl rysgalyňy örňetjek hasyla garaşylyşy ýaly, okyjy özüne hemdem bolup, ýüregine aram berjek eserlere umytly garaşýar. Çeper eser onuň ruhy höregi. Her zamanlar saçagyň bereketiniň deň bolmaýşy ýaly, ruhy manyda eserlerem okyjynyň islegine tap gelmeli. Şu gün okyjy bizden gowudan-gowy eserlere garaşýar.
Sen dünýä, adamzadyň gymmatly ruhy mirasy elýetmez hazyna baryny galdyrypdyr. Gymmatly eserleriň öwüt-ündewleri wagt geçse-de könelenok, olar başga lybasda, ýöne şol onuň asylky

özi! Ölmez-ýitmez pikirleri janlandyryp, ýaşaýşa uly söýgüni terbiýelemek eserleriň ömrüne dahylly uly sowal. Ynsanlaryň birek-birege mähremligi, düşünişmegi, olary ýakynlaşdyrýan ýollary tapmak, asylly maksatlar üçin bitewileşdirmek oý-pikirleri Serdar Ataýewiň döredijiliginiň içinden eriş-agaç bolup geçýär.
Ýazyjy adaty durmuş pursatlaryny hem ertir üçin sapak bolup biljek ahwalata öwrüp, okyjysyna ýetirýär. Onuň “Lebiz”, “Hoşlaşyk”, “Wäşi”, “Bir söýgüniň pursatlary”, “Erkiniň syýahaty”, “Akja bulut hakynda erteki”, “Ýürekden çykan sözüň gudraty” ýaly hekaýalarynda ýaşaýşyň aýry-aýry döwründen we pursatlaryndan söz açylýanam bolsa, umumy pikir-ýörelge ýazyjynyň mynasyp duýgudaş gözleglerinde jemlenýär.
Biziň kosmos eýýamymyzda sözüň güýji bilen töweregiňeruhy halkany düzmek öňkülerden düýbünden täze – heniz geçilmedik bir ýola düşmegi ündeýär. Bu ýoly her kim bir tilsimden aňmak isleýär – ahyrky maksat bolsa, okyjynyň ýüregine aralaşmak, onuň duýgudaşlygyny gazanmak.
Serdar Ataýew adaty wakalardan misil tutup, galamyny ezber ýöredýän ýazyjy. Onuň her eserinde “Esasy maksat näme?” diýen sowala jogap berilýär. Şu günüň okyjysy üçin esasy derwaýyslygam şol.
Aragatnaşygyň zamanabap usullaryna imrigen halatyňda seniň has ýakyn ýürekdeşiň – janly söhbetdeşiň bardygyna ynandyryp, alyp gitmelem çeper eserler, onda-da Serdar Ataýewiň döreden täze öwüşgindäki kyssasy. Men muny howalalykdan aýdamok. Bu onuň hekaýalaryny okap çykanymdan soňky pikirim.
Hormatly Prezidentimiziň her bir işde bize ýol görkezip, çaksyz uly mümkinçilikleri döredýändigi üçin edebiýatymyzyň hekaýa žanryna täzelik getiren ýaşlaryň hatary uzaýar. Şolaryň arasynda Serdar Ataýew öz sesi, öz ýoly, öz tilsimleri bilen ykrar edilen zehinli ýazyjy. Onuň eserleri Garaşsyzlygymyzyň dürli ýyllarynda metbugat sahypalarynda yzygiderli çap edildi. Indi ony okyjylar, ýüňi ýeten ýazyjy hökmünde tanaýarlar, onuň hekaýalaryna sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar.
Her döwrem ata-baba bitirilen gahrymançylykly işleri halk öz hakydasyndan sypdyrmaýar. Pederleriniň iň gowy ýörelgelerini

öz sungatyna siňdirip ýaşadýar. Türkmen halk sazlaryndan, halk döredijiliginden we beýleki eserlerden halkyň ykbaly göz öňünde janlanýar.
Serdar Ataýewiň ýygynda girizilen, umuman, şu mazmundaky hekaýalary “Watançylyk, gahrymançylyk bilen bagly hekaýalar” diýlip atlandyrylýar. Bu hekaýalarda halkymyzyň gahrymançylyk, watansöýüjilik ýörelgeleri wasp edilýär.
Ýazyjynyň “Gaýym gala” diýen hekaýasynda Syrak baradaky gadymy rowaýat janlandyrylýar. Bize tanyş taryhy pursat ýazyjynyň ezberligi bilen tolgundyryjy, ýiti täsir edýän, pikir-oýlaryňda deňiz bolup daşýan, duýgularyňy sermest edýän ahwalata, pursada öwürýär. Bir söz bilen, ýazyjy bakylygyň ölmez-ýitmez gahrymançylyk ideýalaryny ýaňadan aýaga galdyrýar. Olary geljege şuglaly ýiti ýyldyz ýaly alyp gitjek, nesillere ýetirjek güýjüň dogulmagy bolsa edebiýatyň ösüşi üçin tebigy hadysadyr.
Serdar Ataýewiň “Bir söýgüniň pursatlary” atly çaklaňja hekaýasynyň adyna kybap mazmuny bar. Şeýle pursatlaryň süýjüligini, çensiz ýakymlylygyny duýmak dünýäniň gözelligini, täsinligini duýýan ýaly ynsana lezzetli. Ine, muny bolsa, ýazyjy öz ýüreginden geçirip, ýene ýürege ýetirmegem başarýar.
“Akja bulut hakynda” atly hekaýa – erteki, hekaýada häsiýet aňdyrýanam kiçijik ak buludyň keşbi. Kiçijik akja, ulalanda “ýurtlaryň ajaýyplygyny synlamaga gitmeli” bulutlyk garaşmaýar. Öýlerindäkiler onuň şemalyň akymyna yňanyny duýmaýarlar. Rehimdar ýüreginiň emri bilen ol köp ösümlikleri saralyp-solmadan halas edýär. Ýazyjynyň akja buludyň “Ýer ýüzüniň ähli bulutlaryna hemmeje zady eý görmegiň, hemmelere rehimdarlyk bilen garamagyň neneňsi ajaýyp zatdygy” baradaky gürrüňlerine jemleýji häsiýet bermegi bu kitabyň tutuş süňňüne bap bolan ideýalara halkalaşyp gidýär.
Adaty durmuş hadysasyndan elekden süzen ýaly paýhas dänesini saýpallap, Serdar Ataýew okyjysynyň dünýäsine aralaşýar. Şeýlelikde, hekaýalar paýhas sapagyna düzülip, ýaşaýşyň owal-ahyr berçinlenen ýörelgelerinde aýdyňlaşýarlar. Şeýle aýratynlyk ýazyjynyň ähli hekaýalaryna-da mahsusdyr.
Wakalary şireli beýan etmek, ondan ruhy umumylygy tapmak –

onuň durmuş wakalaryna täze lybas “geýdirmekdäki” ussatlygy. Hekaýalarynyň gahrymanlarynyň ata-baba edim-gylyma ygrarlylygy ýazyjynyň özünde dile juda hatyrjem garaýyşy arkaly ýüze çykýar.
Ýazyjynyň döredijiligi bilen içgin tanşyp, baý dil mirasymyzdan peýdalanmaga gezek gelende , onuň bu hazyna juda beletdigine göz ýetirýärsiň, ynanýarsyň hem guwanýarsyň. Türkmen kyssasynyň täze nesline üstünlikleri arzuw edýärsiň. Ýazyjynyň ýiti zehininden türkmen kyssasynda degerli orun aljak ýene-de ençeme eseriň dörejekdigine bil baglaýarsyň.

Osman ÖDÄÝEW,
ýazyjy.

Serdar Ataýew. “Ýaşaýyş yşky” hekaýalar ýygyndysy. Aşgabat 2015.

- **Hekaýa žanrynyň gözlegleri**

Serdar Ataýewiň “Göwün” (“Edebiýat we sungat” gazeti, 2008-nji ýylyň 18-nji ýanwary) atly hekaýasynda çagalara söýgä, olara eserdeň garamak meselesini gozgalýar. Ýaş ýazyjy wakalary anyk – duýarlykly, janly, göz öňüne gelip durar ýaly edip suratlandyrmagyň tärlerini ele alypdyr. Gahrymanyň içki dünýäsine aralaşmagyň, onuň ruhy ahwalatyny inçeden açyp görmekmegiň ebeteýini tapypdyr. Hekaýanyň gahrymany Merdanyň ruhy dünýäsi, içki oý-pikirleri, kalbynyň daşgynlyklary – gaýtgynlyklary hekaýanyň bütin dowamynda okyjynyň göz öňünden gitmeýär.
Ýazyjy hekaýada baş gahryman Merdanyň çeper keşbinde hamrak kakanyň ajaýyp häsiýetlerini jemläp görkezýär.
Işinden gijigip çykan Merdanyň: “Ertir sizi “ Ertekiler dünýäsine aýlaýyn!” diýip, çagalaryna söz berendigi ýadyna düşende, ol şeýle duýgulary başdan geçirýär:
“ … Her baýramçylykda: “Sizi gije şähere gezelenje alyp gitjek!” diýip söz berýärin, her gezegem irikge bolup garaşyp uklap galýarlar. Birhili, her gezek şeýdip, indi göwnüme bolmasa, çagalar sözüme-de kän bir pitiwa etmän başlan ýaly”.

Çagalaryny çäksiz söýýän Merdan olaryň öňünde özüni ýazykly saýýar. Oguljyklarynyň öýkeli uklap ýatyşlaryny göz öňüne getirip, ynjalykdan gaçýar. Lapykeçlik duýgulary basmarlaýar. Onuň hamrak kaka ýüregi çagalarynyň arasynda bolmagy, olaryň isleg-arzuwlaryny kanagatlandyryp, göwün guşlaryny awlamagy küýseýär. Çagalarynyň ýanyna basym ýetip, beren wadasyny berjaý etmäge howlugýar.
Hekaýada Merdanyň işi bilen bagly wakalaram suratlandyrylýar. Olar öz-özlügindäki zatlar bolman, baş mesele bilen gönüden-göni, käte gytaklaýyn baglanyşýar.
Merdan sülçi bolup işleýär. Sülçiniň işi örän jogapkärli hem hysyrdyly iş. Şeýle bolansoň, ol käte işi bilen öte başagaý bolup, çagalaryna beren sözüni-de ýadyndan çykarmaga mejbur bolýar.
Ondan soňam işinde, käründe Merdanyň belent ynsanperwerlik, adamkärçilik, ýukaýüreklilik, inçe duýgulylyk häsiýeti ýüze çykýar. Ol jenaýat işlerine hernäçe adalatly seretse-de, aýyplanýanyň halyna-da biperwaý garap bilmeýär. Bu ýagdaýlar Merdanyň juda ynsanperwer, ýumşak häsiýetli adamdygyny tassyklaýar.
Şeýlelikde, Merdanyň häsiýetiniň bu tarapy-da baş mesele bilen baglanyşýar. Sebäbi öz çagalaryňy ýürekden söýmek, olara eserdeň garamak üçin-de adamyň ynsanperwerlik duýgulary ösen bolmaly. Ynsanperwerlik duýgularyndan mahrum adamdan öz çagalaryna-da mähirli garaýyşa garaşmak mümkin däl.
Ýaş ýazyjy hekaýanyň häzirki zamanlyk häsiýetini güýçlendirmegiň-de ebeteýini tapýar. Hekaýadaky wakalaryň arasy bilen tebigy suratda Aşgabat şäheriniň göreni haýran galdyrýan häzirki gözel keşbi-de göz öňünde janlanýar. Hormatly Prezidentimiziň adam hakda edýän aladalarynyň-da käbir pursaty özüni görkezýär.
Merdan çagalary bilen “Ertekiler dünýäsine“ baranynda, Halmyrat Ahmedowyň çagalarynyň elinden tutup duranyny görýär. Ol Merdanyň ilkinji jenaýat işini derňän adamy bolup çykýar. Halmyrat Ahmedow “Gadyr gijesinde” hormatly Prezidentimiziň egsilmez sahawaty bilen erkinlige çykypdyr. Işini adalatly derňäni üçin, onuň Merdana-da minnetdarlygynyň çägi ýok.

Merdan “Ertekiler dünýäsiniň” haýrana goýýan gözellikleri bilen çagalaryny tanyşdyrýar. Çagalar hiňňildiklerde uçup, kindiwanja otla münüp, ertekiler gowagyna aýlanyp, beýleki täsinliklere tomaşa edip, heziller edinýärler. Bu pursatlar hekaýada gozgalýan meseläniň, ýagny, çaga göwnüniň-de, ene-ata göwnüniň-de deň sazlaşykdadygyny açyk görkezýär.
Ýaş ýazyjynyň döredijilik mümkinçiliklerini nazara alanyňda, oňa käbir bellikler, arzuwlar edesiň gelýär. Ozaly bilen, hekaýadaky baş meseläniň has güberçekläp, saýlanyp, öňe çykmagyny, eseriň baş durmuş garşylygnyň has ýitiräk, düýplüräk bolmagyny isleýärsiň. Sebäbi ýiti durmuş garşylyklaryny ýeňip geçiş prossesinde gahrymanyň häsiýetleri has täsirli ýüze çykýar, ýatda galyjy çeper keşpler döreýär.
Hakyky eserlerde ýazyjy wakalaryň ählisine deň üns bermeýär. Eserdäki wakalaryň tutýan ornuna, ähmiýetine görä, has çuň suratlandyrylýany, gysga beýan edilýänleri bolýar. Bu babatda uly rus ýazyjysy Alekseý Tolstoý örän degerli pikiri aýdypdyr. Ol ýaş ýazyjylar bilen duşuşygynda “Kompozisiýa näme?!” diýen soragy berýär. A.Tolstoý öz orta atan sowalyna özi jogap berip, şeýle diýipdir: “Bu hemme zatdan öňürti hudožnigiň, ýazyjynyň üns merkezini kesgitlemekdir. Hudožnik-ýazyjy dürli wakalara, personažlara, birmeňsež üns, birmeňzeş hyjuw bilen garap bilmez…”.
Eseriň şowly çykmagynda suratlandyrylýan wakalaryň esasy merkezini dogry kesgitläp bilmegiň uly ähmiýeti bar. Sebäbi eseriň baş, ikinji, üçünji…derejeli wakalary bolýar. Ol wakalara kompozisiýa merkeziniň talabyna laýyk geler ýaly derejede orun berilmelidir. Şeýle edilende artykmaç zatlar öz-özünden düşüp galar, eserdäki wakalaryň sazlaşyklylygy emele geler.

Jora ALLAKOW,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professory,
filologiýa ylymlarynyň doktory,
Türkmenistanyň at gazanan halk magaryf işgäri

«Edebiýat we sungat» gazeti, 20.06.2008 ý.

- **Häzirki döwrüň kyssasynyň gadamlary**

Serdar Ataýewiň “Namys” (Edebiýat we sungat “ gazeti, 21.03.08; 28.03.08; 04.04.08 ýyldaky sanlary) atly hekaýasynda türkmeniň başyndan-da belent tutýan ar-namys meselesi gozgalýar.
Basybalyjy galtamanlar gala çozup weýrançylyk edende, Nazar mergen hem bosgunçylyga ýüz urmaly bolýar. Ol Dorbedewine göwreli aýaly Hallygözeli hem ejesini mündirip, çöle ugraýar. Nazar örän arly-namysly, mergençilikde deňi-taýy bolmadyk, bu ugurda baş baýragy alan ýigit. Nazar dagy ýoluny dowam edip barýarkalar sag taraplaryndaky gum depesiniň aňyrsyndan adamlaryň gowry eşidilýär. Nazar baryp synlasa, öýüň içinde ýedi sany gara geýimli saýry atlylar wagşyýana gygyryşyp, çagajygy gujagyna gysyp galpyldap oturan gyzyň daşyndan at salyp aýlanýarlar.
Gelmişekleriň türkmen gyzynyň namysyna degjek bolýandyklaryny gören Nazaryň gany gaýnaýar. Onuň diňe iki sany okygalypdyr, hatda bäş oky galan bolsady, guşuň gözünden urup bilýän Nazar wagşyýana hereket edýän gelmişekleri aman sypdyrjak däl. Nazar öz janyny däl-de, garnynda dowamat dowamy bolan aýalyny hem mähriban ejesini gaýgy edýär.
Iň soňunda-da Nazar ar-namysy şirin janyndan-da ileri tutup, mähribanlaryna şeýle diýýär:
“Eje jan, ýekäňem bolsam, ýalňyzyňam bolsam, bagyşla? Jan käbäm, berýänem Hudaý, alýanam Hudaý! Ölsem, oglum bolar! Namysymdan geçip, namyssyz ýaşasam bolsa, hiç zadym hem galmaz! Senem günämi öt, Hallym! Käbäm, gynanma, üstümizden Haktagala garap durandyr, şeýtmesem bolmaýar! Agtygyň bolsa, adymy dakaýarsyň-da! Kepeläniň guýusyna tarap ýola düşüň, il-gün sizi hor-har etmez! – diýdi-de, ömründe etmedik işini edip, Dorbedewe jüp gamçy çaldy”.
Mähribanlaryny ugradansoň, Nazar ar-namys üçin gelmişekler bilen deň bolmadyk söweşe girişmek üçin ýektäk özi galýar.
Nazar gelnidir ejesini ugradyp, ýeke galansoň, wagşyýana gelmişekler bilen deň bolmadyk söweşe girip, duşman bilen mertlerçe söweşip, taýsyz gahrymançylyk görkezmegiň, zerur

bolanda ar-namys üçin janyny gurban etmegiň belent nusgasyny görkezýär.

“Iş bitirseň, il tanar” diýen türkmeniň parasatly,dana nakyly bar. Nazaryň hem türkmeniň ar-namysy üçin bitiren işi, görkezen gahrymançylygy undulyp gitmän, il-günüň kalbynda ýaşamagyny dowam etdirýär. Gitdigiçe barha şöhratlanyp, reňk açýar.

Esere göwnejaý soňlama-da tapylypdyr. Eserde gozgalan mesele çeperçilik taýdan çözülipdir.

Emma hekaýa çensiz-çaksyz süýndürilýär, köpsözli. Hekaýa gazetiň üç sanynda çap edilipdir. Ol göwrümi boýunça hiç bir powestden kem däl. Onda esasy mesele bilen baglaşmaýan, sähelçe baglaşýan waka näçe diýseň bar. Hekaýada Hallygözeliň kakasy Taňryberdi baý bilen baglanyşykly gürrüňler esasy mesele barada edilýän gürrüňlerden köp.

Taňryberdi baýyň ähli ýerde tanymallygy, onuň çopançylyk diýmän, daýhançylyk diýmän, kesp-kär dannaman, halal baýlygyň eýesi bolan sahawatly kişidigi, güzeranyny görüp bilmeýänlär üçin Taňryberdi baýyň bugdaýly çuwallarynyň bogusynyň hemişe açykdygy, öýlenmäge gurby ýetmeýän ýetim ýigitleriň baýyň sahawaty bilen toý tutup, öýli-işikli bolýandyklary we şuňa meňzeşler hekaýanyň ýoňsuz ýerini tutýar.

Ýazyjy yza çekilmelerini yzygiderli gaýtalaýar. Taňryberdi baý wakalaryň dowamynda ýene-de peýda bolup, dürli pelsepewi pikirler hakda kelle döwýär. Serdar bolmak üçin nähili şahsyýetleriň gerekdigini atlaryny getirip, birin-birin ýatlaýar.

Taňryberdi baýyň gözsüz batyrlaryň hilindendigi, ugurtapyjylygy, san taýdan özlerinden ençeme esse agdyk ýaga hüjüm etmegiň we ony ýeňmegiň hötdesinden gelip bilýänligi, onuň gara başyny orta goýup, ýoldaşyny halas eden gezekleriniň hem sanardan kändigi, emma serdar bolmak üçin bu entek ýeterlik däldigi ýaly gürrüňler hekaýanyň möçberini ulaldýar.

Eserde “Kyrk düýe bahaly” atly rowaýata çalymdaş gürrüň, özbaşyna bir hekaýa bolup dur. Onda Taňryberdi baýyň özüniň halamaýan sawçysyna gyzynyň bahasynyň kyrk düýedigini açdyp, ony gaýtarandygy hakda söz açylýar. Munda Nazaryň şol

gymmatbaha galyňly gyza öýlenişi, il-günüň agzybirligi, Nazara edýän goldawy görkezilýär. Bu özbaşyna hekaýa çalym edýän bölüm gyzyksyz, täsirsiz däl. Onda garaşylmadyk wakada, kinaýa-da, ýumoram, özboluşly çözgüdem bar. Emma hekaýanyň bölegi bolardan uly.
Hekaýa ýazyjydan uly ussatlyk talap edýär. Ol diňe bir döredijilik mekdebi, uly edebiýat geçiş ýoly bolman, epiki žanryň iň kynlaryndan biridir. Hekaýanyň möçberi, formasy ýazyjydan wakalara, söze iňňän tygşytly bolmagy, az zadyň üsti bilen köp zat aýtmagy, möçberi uly bolmadykwakanyň, durmuş hadysasynyň üsti bilen estetiki emosional häsiýeti güýçli bolan çuň mazmuny aňlatmagy talap edýär.
Beýik rus ýazyjysy Lew Tolstoý gowy hekaýa wakanyň “ortarasyndan” başlanmalydyr diýip belleýär. Sebäbi hekaýanyň möçber taýdan uly bolmadyk çäkli formasy wakany, gahrymanlaryň hereketlerini, durmuş garşylyklaryny jikme-jik suratlandyryp durmaga, ondaky ähli zady töwerekleýin, giňden delillendirip görkezmäge doly mümkinçlikik bermeýär.
Şoňa görä-de wakany “ortarasyndan” başlasa-da, ýazyjy gahrymanlaryň edýän hereketleriniň motiwini, sebäbini logiki taýdan delilli we düşnükli edip ýerleşdirmelidir. Gürrüňini eden hekaýamyzda bolsa gysbylyk, tygşytlylyk, diňe zerur wakalary suratlandyrmak bilen çäklenmeklik kemterlik edýär.
Wakalaryň tebigy ösüşini togtadyp, yzaçekilmä ýüzlenmek, birmahalky bolan wakalary suratlandyrmak hem halanýan tär däl. Sebäbi bu usul sýužetiň ösüş tebigy badyny, dartgynlylygyny gowşadýar, göz öňünde bolup duran wakala yzaçekilme zerarly ep-esli wagtlap okyjynyň üns merkezinden aýrylýar, şonuň üçin onuň ýylysy sowaýar, öňki täsiri peselýär. Okyjy düz ýoldan çykyp, çarkandakly ýola düşen ýaly bolýar. Has beteri-de, eseri göwrümi galňaýar, köpsözlülik emele gelýär.
Muny latyş halkynyň uly ýazyjysy we görnükli edebiýatçysy Andreý Upit hem nygtap belläpdir. Ol yzaçekilmeler bilen aşa gyzyklanýan ýazyjylara igenip, şeýle diýýär: “Olar öz gahrymanyny ýersiz-ýerliksiz tebigy bolmadyk uzyn we jikme-jik awtobiografiki ekskurslar etmäge mejbur edýärler, kämahallar bolsa gidip oturan gürrüňiň iň dartgynly pursadynda arasyny

kesýärler we şol waka gatnaşyjynyň geçmişini beýan edip, onuň häzirki bolýan ýerinde bolmaga, hut häzirki aýdyp duran zadyny aýtmaga hakynyň bardygyny subut etmek üçin, okyjyny suratlandyrylyp duran wakadan has uzak bir ýere alyp gidýärler. Bu – ýama ýaly bir zat bolup, ol edebiýat ymaratyny daşky taýdanam zaýalaýar. Bu usul şeýle lenç edilen görnüşde ulanylmak bilen, eserlerde ýol berilmesiz ýagdaýda gürrüňiň dramatiki okgunly akymyny haýalladýar, ýatlamalaryň giň joşan tolkunlaryna gark etmek bilen wakalaryň beýanynyň esasy özenini kesýär. Gidip barýan gürrüňiň arasyna geçmişi beýan edýän ekskurslary, refleksleri, oýlanmalary diňe ýol berilýän ýerlerde ýa-da suratlandyrylýan wakalaryň tebigy akymynyň talap etmegine görä girizmeli”.
Serdar Ataýewiň “Gidenleriň yzynda” (“Watan” gazeti, 2008-nji ýylyň 22-nji iýuly) atly hekaýasyndaky tipiki ýagdaýlar, tipiki wakalar örän takyk suratlandyrylýar. Hekaýada Beýik Watançylyk urşunyň ikinji ýylynyň soňlaryndaky oba durmuşy beýan edilýär. Hekaýada uruş döwrüniň çekip-çydardan agyr kynçylyklary dogruçyl görkezilýär. Oba adamlarynyň uruşdan gelýän aýylganç habarlardan gorkuşy hiç zadyň çeni-çaky däl. “…Siziň…gahrymanlarça wepat boldy” diýen aýylganç habar gelen öýde dagy ahyrzaman gopýar. Kolhozyň hat gatnadýany Mülli golagy gören her bir adamyň ini tikenekläp, huşy başyndan uçýar. Mülli golak eşekli peýda bolanda welin, her bir öýüň adamlary onuň öz duşlaryndan geçip gitmegini diläp, “Howul bela, howul bela, başymyzdan sowul bela” diýenlerini duýman galýarlar. Şeýlelikde, Mülli golak obada iň gorkunç adama öwrülýär. Ýogsam ol görgüliniň kalby päk, hiç kime ýamanlygy ýok. Ol diňe ýumuş oglany.
Mülli golak hemişe erbet habar getirenok. Ol Annabagt ejä ogly Akmyra dagynyň Büzmeýiniň demirýol menzilçesinden geçip gitjekdiklerini habar bermäge gelýär. Emma onuň getirýän habaryny eşitmänkä Annabagt ejäniň gorkusyndan aňkasy aşyp, başy aýlanýar. Mülli Annabagt ejelere gelýärkä ýolda-da köp öýüň howsalasyny artdyryp, huşuny başyndan uçurýar.
Annabagt eje gelni bilen agtyklaryny göterip, Büzmeýiniň demirýol menzilçesine ugraýar. Ýolda olara ýaňy durmuşa çykan

adamsy frontda wepat bolan, ýaşajyk çagasy aradan çykan, bu aýylganç wakalara çydaman akly üýtgän Miwegülem goşulýar. Hekaýada Miwegülüň keç ykbaly hem örän täsirli suratlandyrylýar.

Annabagt eje dagy demirýol menzilçesine barsalaram, otly saklanman, tüssesini burugsadyp geçip gidýär. Hekaýa okyjyda ýiti täsir galdyrýar.

Serdar Ataýewiň “Namys”, “Gidenleriň yzynda…” atly hekaýalaryny okap, bu ýazaryň dartgynly wakalary beýan etmäge aýratyn üns beräýndigini görýäris. Elbetde, her bir ýazyjynyň beýan ediş aýratynlygy bolýar. S.Ataýewiň okyjylaryň ünsüni dartgynly wakalara kökermäge ýykgyn edýändigi örän gowy zat.

Tema saýlap almak ýazyjy üçin esasy zatlaryň biri. Men S.Ataýewiň gelejekde kämil ýazyjy bolmagyna uly umyt baglaýaryn. Hut şu ýagşy umyt bilen ýaş ýazyja käbir maslahaty bermegi özümiň borjum hasaplaýaryn.

S.Ataýew wakalary yzygiderli, täsirli beýan etmegiň hötdesinden gelýär, ýöne onuň hekaýalarynda ýatda galyjy häsiýetler – obrazlar ýok.

Täsirli, dartgynly wakalary beýan edýän eserleriň däl-de, üýtgeşik obrazly, gahrymanly eserleriň uzak ýaşaýandygy wagtyň subut eden hakykaty. Wakalar gahrymanlaryň häsiýetlerini açyp görkezmäge hyzmat etmeli.

Men Serdar Ataýewiň birinjiden, täze-täze obrazlar döretmegini, dartgynly wakalary gahrymanlaryň häsiýet aýratynlyklaryny açyp görkezmek üçin peýdalanmagy, ikinjiden, köpsözlülikden gaça durmagy, üçünjiden gazet dilinde däl-de çeper dilde eser döretmegini maslahat berýärin. Obraz döredilende türkmeni türkmen edýän milli aýratynlyklarymyza, däp-dessurlarymyza aýratyn üns bermek gerek.

Jora ALLAKOW,
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professory, filologiýa ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň at gazanan halk magaryf işgäri.

«Garagum» žurnaly, 10/2008 ý.

- **Döwrüň çeper keşbi**

Serdar Ataýewiň “Synpdaşlar” hekaýasynyň (“Garagum” žurnaly, 2012 ý. №12) mazmuny hünär saýlamak, şol kesbiňi söýüp il içinde halal işiň bilen hormat gazanmak meselesini gozgaýar. Hekaýada öňe sürülýän pikirler Rahmanyň oýlanmalary arkaly ýüze çykýar. Rahman şäherde ýaşaýan synpdaşy Almazlara üýşmeleňe gidýär. Synpdaşlaryň üýşmeleňinde Rahman bile okan synpdaşy Baýlynyň ýanynda oturmaly bolýar. Mekdepde okaýan ýyllarynda “öz kölegesinden” utanyp, gürlemeýän Baýly düýbünden başga adama öwrülipdir. Ol indi içgi hem içýär. Öz satyjylyk kärinden zeýrenýär. Saýlap alan durmuşyndan närazy. Baýlynyň keşbi Rahmanyň kalbynda hem darykmagy, saýlan kesbine bolan ikigöwünlilik oduny tutaşdyrýar.
Rahman synpdaşlarynyň üýşmeleňinden çykyp, ekinzarlyga gidýär. Giň, ýaýylyp ýatan sähralar, ene topragyň ysy onuň kalbynda gopan birahatlygy kem-kemden daşlaşdyrýar. Yhlas edilse, her bir kesbiň, hünäriň hem hormata, eşretli durmuşa ýetirýändigine bolan ynam Rahmanyň oýlanmalary arkaly hekaýanyň mazmunynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Radioýaýlymdan eşidilýän goşgy bentleri hekaýanyň gahrymanyna çuň täsir edýär, zähmetiň bilen bagta ýetilmeginiň ynsan durmuşynda kybap zatlara öz ömründe gabat gelinmeginiň özüniň seni şhsyýet derejesinde orta çykarýandygyna bolan düşünjäni oýarýar:
…Säher turup syl ýüzüňe dünýäni,
Giňligiňde bolup bilseň, şonça bol!
Bu dünýäňe mahsus ähli zatlaryň,
Senden sowlup geçmeýänne monça bol!
Säher – tämizligiň, päkligiň edebi keşbi. Gije bilen gündiziň aralygy. Şol pursatda dury duýgulardan kalbyňy doldurmak ynsany durmuşyň gözelligine tarap ymykly ugrukdyrýar. Ykbalyň ynsana berýän her bir synagy ondan kanagatly bolmagy, şan-şöhraty, mertebäni göterinip bilmegi, halal gazanjyň bilen ýaşaýyş durmuşyňy özgertmegi talap edýär. Özgelere ýagşylygyň, peýdaň bilen haýryňy ýetirmeli, muny göwün-gursagyňda baýdak edinip gezmeli, durmuşyň manysy hasaplamaly, ony adamkärçilik

tarapdan belent ahlak medeniýeti saýmaly.
Adam öz kalbynyň terbiýeçisidir. Ynsan aňyny ruhy baýlyk kämilleşdirýär, ösdürýär. Zähmetiň, sungatyň sazlaşygy belent ahlak medeniýetini kemala getirýär. Ahlak medeniýeti ynsan kalbynda päklik, halallyk duýgusyny döredýär. Halal zähmet Watanyň hyzmatyna bagyş edilende, döwlet gülläp ösýär. Hekaýany oaknyňdan soň, şeýle duýgular kalbyň törüni eýeleýär.
Durmuş wakalarynyň içinde hereket edýän gahrymanlar biziň döwürdeşlerimiz, bir jemgyýetde ýaşaýan adamlaryň umumylaşdyrylan keşbi. Wezipe adamy däl-de, adam wezipäni beýgeldýär. Hünäri, kesbi şöhratlandyrýar. Hekaýanyň düýp özeninde şeýle pikir ýatyr. Ýordumy gerdeninde göterýän gahrymanlaryň içki garşylygy, öz-özlerini tapmak hakynda edýän pikirleri hekaýanyň täsirliligini artdyrýar.

Nurnabat GURBANGULYÝEWA,
Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň uly ylmy işgäri

Garagum žurnaly, 10/2013

- **Edebiýatçynyň ýazgylary**

Her döwrüň öňe çykarýan ýazylary, şahyrlary bolýar. Gowşutgeldi Daňatarow, Kömek Kulyýew, Ahmet Halmyradow ýaly ýazyjylaryň edebiýata gelen döwründen bäri ýigrimi ýyldan gowrak wagt geçdi. Biziň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen edebiýatynda täze ýazyjylaryň, özem kämil ýazyjylaryň nesli döredi. Men bu ýazyjylar barada “ýaş ýazyjylar” diýen adalgany ulanmak islemeýärin.
Aslynda-da, bu adalga şertli adalgadyr, çünki eserler ýazyjynyň ýaşlygy sebäpli kemçilikli bolmaga mümkinçilik bermeýär. Edebiýatda diňe bir talap bar: gowy, kämil eseri halka hödürlemeli. “Men ýaş” ýa-da “Gyssanmaç ýazdym, şol sebäpli-de kemçiliklerini bagyşlaweriň!” diýmek bolmaýar.
Meniň “täze nesil” diýip göz öňünde tutýan ýazyjylarymyň galabasy orta ýaşan adamlar. Olar döwürleýin metbugatyň sahypalarynda ululy-kiçili hekaýalary bilen çykyş edip gelýän,

okyjylar köpçüligine özlerini birkemsiz tanadan ýazyjylar. Olar – Bägül Annabaýewa, Hemraguly Hudaýgulyýew, Serdar Ataýew, Bägül Ataýewa, Myrat, Maksat Hudaýgulyýewler.

Muhammetguly AMANSÄHEDOW,
Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet Mugallymçylyk institutynyň Edebiýat kafedrasynyň müdiri, professor, filologiýa ylymlarynyň doktory.

Garagum žurnaly, 1/2014 ý

*Meniň size bu haty ýazmagym, S.Ataýewiň käbir hekaýalary hakda öz pikirimi ýazasym gelýär. Egerde mümkin bolsa, öz saýtyňyzda meniň adaty edebiýat mugallymasy hökmünde pikirlerimi goýarsyňyz diýip umyt edýärin.*

Ogulbossan REJEPGULYÝEWA,
Türkmen dili we edebiýaty mugallymasy. Edebi makalalar